**Alyjylar jemgyýetlerini, alyjylar jemgyýetleriniň birleşigini, alyjylar jemgyýetleriniň kärhanalaryny bellige almak**

Bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

alyjylar jemgyýetlerini, alyjylar jemgyýetleriniň birleşigini, alyjylar jemgyýetleriniň kärhanalaryny esaslandyrmak baradaky we tertipnamalaryny (düzgünnamalaryny) tassyklamak baradaky karar ýa-da teswirnama;

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy (düzgünnamasy);

esaslandyryjynyň esaslandyryş resminamalarynyň nusgalary;

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

ýolbaşçynyň şahsy kagyzy, pasportynyň nusgasy, wezipä bellenmegi baradaky buýrugyň nusgasy;

esaslyk maýasynyň bir böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama.